# Yslam akydasy.(2)

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**Töwhidiñ görnüşleri we onuñ peýdalary.**

Sorag: Allah Tagala Pygamberleri näme üçin iberdi?

Jogap: Allah Tagala ynsanlara ýeke-täk Özüne şärik goşman ybadat etmegi öwretmekleri üçin pygamberleri iberdi.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **"Her bir ymmata (her bir halka) Bir Allaha ybadat ediñ we tagutlardan uzak duruñ, diýen buýruk bilen pygamber iberdik."** [1]

**Tagut:** Ynsanlaryñ Allahdan başga, ilähleşdirip ybadat edýän zatlary. Bu ynsan, öwliýa, perişde, haýwan, agaç, daş bolup biler. Başga söz bilen aýdanymyzda ynsanlaryñ butlaşdyran zatlary.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **".....Pygamberler biri-biri bilen dogandyr.....we olaryñ dini birdir."** [2] (Ýagny, Pygamberleriñ hemmesi töwhide, Allahy birlemäge çagyrandyrlar)

Sorag: Allah Tagalany Roblikde birlemek näme?

Jogap: Ýaratmak we ýaradan zatlaryny dolandyrmak ýaly işleri Allah Tagalanyñ bir Özi edýändir, diýip ynanmak- Allah Tagalany Roblikde birlemekdir.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **"Ähli öwgi-hamdlar, älemleriñ Robbi bolan Allah Tagalaga degişlidir."** [3]

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **"Asmanlaryñ we ýeriñ Robbi sensiñ (Eý Allahym)."** diýýär. [4]

Sorag: Allah Tagalany birlemek näme diýmek?

Jogap: Doga-dileg etmek, damak çalmak, nezr-aýdylan janly etmek, namaz, oraza, umyt etmek, gorkmak, kömek soramak we tewekkül etmek (bil baglamak) ýaly ybadatlary ýeke-täk Allah Tagala üçin etmekdir.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **"Siziñ ilähiñiz ýeke-täk, bir ilähdir. Rahman we Rahym bolan (Allahdan) başga ilãh ýokdur."** [5]

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **" Ynsanlary ilki bilen çagyrjak zadyñ: Bir Allahdan başga hak ilãh ýok diýen, şaýatlyk bolsun."** [6] diýendir.

Ymam Buhariniñ rowaýatynda: **"Allah Tagalany birlemägä çagyrmak bolsun"** diýilýär. [7]

Sorag: Allah Tagalany atlarynda we sypatlarynda birlemek näme diýmek?

Jogap: Allah Tagalanyñ Kuran-Kerimiñ aýatlarynda we Pygamberimiziñ sahyh hadyslarynda gelen sypatlaryny üýtgetmän, ol wasplaryny mahlukata meñzetmän we ol sypatlary inkär etmän, manylaryny özgertmän, şol durşuna ynanmakdyr.

Meselem: Allah Tagalanyñ arşa istiwa etmegi (beýgelmegi) ýa-da inmegi, eli we şoña meñzeş Allah Tagalanyñ kemalyna laýyk bolan sypatlara şol durşuna ynanmak.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **"Hiç bir zat Oña meñzeş däldir we Ol eşdiji we görüwjidir."** (Şura 42/11)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **"Allah Tagala her gije dünýä asmanyna inýär"**[8] diýdi. (ýagny, Öz mahluklaryndan birinede meñzemän, Özüne laýyk sypatda inýär)

Sorag: Allah Tagala nirde?

Jogap: Allah Tagala asmanda arşyñ üstündedir.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **"Rahman (bolan Allah) arşa istiwa etdi."** [9]

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **"Allah Tagala** (bütin mahlukatlary) **ýaratmazdan öñ bir hat ýazdy. Şol hat arşyñ üstünde, Allah Tagalanyñ ýanyndadyr"**[10] diýdi.

Sorag: Allah Tagala biz bilenmi? (ýagny ýanymyzdamy)

Jogap: Hawa. Allah Tagala Öz eşdişi, görüşi we ylymy bilen biziñ ýanymyzdadyr.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Gorkmañ, Men siz bilendirin. Eşidýärin we görýärin.”** [11]

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Siz ýakynyñyzdaky, eşidýäne doga-dileg edýärsiñiz** (ýagny Allahy çagyrýarsyñyz). **Ol siz bilen biledir** (ýagny Ol sizi görüp we eşidip durandyr).”[12]

Sorag: Töwhidiñ peýdasy näme?

Jogap: Töwhidiñ peýdasy- ahyrýetde ebedi azapdan halas bolup, bu dünýäde dogry ýola düşüp, günäleriñ bagyşlanmagydyr.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Allah Tagalaga iman getirenler we imanlaryna zulum bulaşdyrmadyklar** (ýagny, şirk goşmadyklar) **ahyrýet azabyndan aman bolup, dogry ýola düşenlerdir.”[13]**

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Allah Tagalaga şirk goşmadyklara azap bermezlik – Allah Tagalanyñ bendelerine wada eden zadydyr”[14]** diýendir.

**Allah Tagalanyñ huzurynda amalyñ kabul bolmagynyñ şertleri.**

Sorag: Amalyñ kabul bolmagynyñ şertleri näme?

Jogap: Allah Tagalanyñ huzurynda amalyñ kabul bolmagynyñ şertleri:

1- Allah Tagalaga iman edip, Ony birlemekdir.

Delili Allah Tagala: **“Allah Tagalaga iman getirip, salyh amal edenleriñ jaýy Firdews jennetindedir” [15]**diýýär.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Allaha iman etdim diý-de, sözüñde berk dur”[16]** diýdi.

2-Yhlas (ýagny, başgalar görsünler ýa-da eşitsinler diýmän, bir Allah Tagala üçin amal etmek).

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Dini diñe Allah üçin yhlas edip, ybadat ediñ.” [17]**

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Kim yhlas bilen: Lä ilähe illallah (bir Allahdan başga ybadata mynasyp iläh ýok) diýse, jennete girer”** [18]- diýdi.

3- Edilýän amal Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem)iñ getiren şerigatyna/sünnetine laýyk bolmaly.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Pygamberiñ buýran zatlaryna amal ediñ we gadagan eden zadyndanam gaçyñ!”[19]**

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Kim biziñ buýurmadyk/öwretmedik amalymyzy etse, ol amal ret ediler** (ýagny kabul edilmez).”[20]

Muellif: Şeýh Muhammed Jamil Zinu.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Nahl 16/36.

2-Sahyh Buhari we Sahyh Muslim.

3-Fatiha 1/1.

4-Sahyh Buhari we Sahyh Muslim.

5-Bakara 2/163.

6-Sahyh Buhari we Sahyh Muslim.

7-Sahyh Buhari.

8-Sahyh Muslim.

9-Taha 20/5.

10-Sahyh Buhari we Sahyh Muslim.

11-Toha 20/46.

12-Sahyh Muslim.

13-Engam 6/82.

14-Sahyh Buhari we Sahyh Muslim.

15-Kehf 18/107.

16-Sahyh Muslim.

17-Gafir 40/14.

18-Sahyh hadys. Bezzar we başgalary.

19-Haşr 59/7.

20-Sahyh Muslim.